***Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasy 1998-nji ýylda esaslandyrylyp, sebitiň ýurtlarynyň ykdysadyýetlerini ösdürmäge, olaryň dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna goşulyşmagyna ýardam bermäge gönükdirilen mehanizmdir. Şu nukdaýnazardan, 20 — 23-nji ýanwarda paýtagtymyzda BMG-niň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasynyň (SPECA) hepdeliginiň geçirilmegi, onuň çäklerinde suw, energiýa serişdeleri, daşky gurşaw, durnukly ulag, üstaşyr we arabaglanyşyk boýunça iş toparlarynyň duşuşyklarynyň, hususan-da, ykdysady forumyň guralmagy möhüm ähmiýete eýe boldy.***

Foruma Merkezi Aziýa ýurtlarynyň, Azerbaýjanyň, Hindistanyň ugurdaş ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň, Ýewropa Bileleşiginiň, Bütindünýä bankynyň we beýleki düzümleriň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar. Gatnaşyjylaryň giň wekilçilikli düzümi Ýewraziýa giňişliginde ykdysady hyzmatdaşlygyň täze arhitekturasyny döretmegiň mümkinçiliklerine hemmetaraplaýyn ser salmaga şert döretdi. Çünki bu platforma Birleşen Milletler Guramasynyň iki iri komissiýasynyň — Ýewropa ykdysady komissiýasynyň hem-de Aziýa we Ýuwaş umman sebiti boýunça Ykdysady we Durmuş komissiýasynyň howandarlygynda ýedi ýurdy, şol sanda Azerbaýjany, Owganystany we Merkezi Aziýa ýurtlaryny birleşdirýär.

Türkmenistan onuň düzümine giren ilkinji ýyllaryndan bäri özüni işjeň gatnaşyjy hökmünde görkezýär. Maksatnamanyň çäklerinde ýurdumyz sebitde durnukly ösüşiň ulag, energetika we söwda ulgamlarynyň berk özara baglanyşyklydygyndan ugur alýar. Türkmenistanyň 2025-nji ýylda SPECA-da başlyklyk etmegi özara hyzmatdaşlykda möhüm tapgyr boldy. Onuň çäklerinde ýurdumyz maksatnamany institusional taýdan pugtalandyrmaga we onuň işini giňeltmäge gönükdirilen täze başlangyçlary öňe sürdi.

SPECA sebitinde bilelikdäki tagallalaryň utgaşdyrylmagy, hyzmatdaşlygyň täze görnüşleriniň ösdürilmegi, maýa goýumlaryň çekilmegi we innowasion işjeňligiň höweslendirilmegi ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga, bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin mümkinçilikleri giňeltmäge ýardam berýär. Şoňa görä-de, ara alyp maslahatlaşmalaryň dowamynda sanly geçiş we innowasion ösüş meselelerine aýratyn orun berildi. Maýa goýum meselelerini ara alyp maslahatlaşmagyň çäklerinde mejlise gatnaşyjylar SPECA-nyň köphyzmatdaşly gaznasyny döretmegiň ähmiýetini belllediler. Türkmen tarapynyň öňe sürýän bu mehanizmi serhetüsti başlangyçlary maliýe taýdan üpjün etmek üçin wajyp gural bolar. Bu gazna «ýaşyl» ykdysadyýet, energetika, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak ulgamlarynda taslamalary durmuşa geçirmek üçin serişdeleri üpjün etmäge ýardam berer.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

BMG-niň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasynyň (SPECA) hepdeliginiň çäklerinde guralan ykdysady forumyň dowamynda birnäçe mowzuklaýyn mejlisler hem geçirildi. Umuman, bu forum netijeli dialogy ilerletmek, tagallalary birleşdirmek, strategiýalary işläp taýýarlamak we olaryň ýerine ýetirilmeginde iş meýilnamalaryny düzmek üçin giň mümkinçilik döreden oňyn meýdança boldy. Şeýle hem onuň netijeleri boýunça kabul edilen çözgütler SPECA formatynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmak babatda esasy ýolgörkeziji bolup hyzmat eder.

**Gyzylgül GYLYÇGELDIÝEWA,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

Все права защищены
save pdf date >>> 24.01.2026